**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

**— MENIŇ MAKSADYM TÜRKMEN DIPLOMATIÝASYNYŇ MILLI MEKDEBINI HEMMETARAPLAÝYN GOLDAMAKDAN WE DÜNÝÄNIŇ IŇ ÖSEN TALAPLARYNA LAÝYK GELÝÄN BILIM ULGAMYNY SIZE ELÝETERLI ETMEKDEN YBARATDYR.**



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

INTERNET GAZETI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

# THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

INTERNET NEWSPAPER

№ 2, 2021-nji ýylyň 13-nji fewraly

Our main goal is to serve the Motherland!

*Internet gazeti 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar*

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

# BELENT SEPGITLER WE AÝDYŇ MAKSATLAR



***9-njy fewralda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sanly wideoaragatnaşyk arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň daşary syýasat ugruny amala aşyrmak boýunça geçen 2020-nji ýylda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi hem-de şu ýyl üçin ileri tutulýan wezipeler kesgitlenildi. Maslahata Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň käbir orunbasarlary, degişli düzümleriň hem-de ugurdaş ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylary gatnaşdylar.***

Döwlet Baştutanymyz gün tertibini yglan edip, Bitarap döwletimiziň Garaşsyzlygyny alanyna şu ýyl 30 ýyl dolýandygyny belledi. Geçen döwrüň dowamynda Türkmenistan parahatçylyk söýüji, ygtybarly hyzmatdaş döwletdigini bütin dünýä äşgär edip, özbaşdaklyk syýasatyny gyşarnyksyz ýöredip geldi.

Häzirki döwürde hem Bitarap döwletimiziň daşary syýasat ugruny durmuşa geçirmek, parahatçylyk söýüji, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ösdürmek, «Açyk gapylar» ýörelgesini amala aşyrmak boýunça köp tagallalar edilýär diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady. Bu ugurda Daşary işler ministrligi, beýleki döwletlerdäki ilçihanalarymyz we konsullyklarymyz uly işleri alyp barýarlar. Olar ata Watanymyza mynasyp wekilçilik edip, gazanýan üstünliklerimizi giňden dünýä ýaýýarlar, Bitaraplyk syýasatymyzy iş ýüzünde amala aşyrýarlar. Hoşniýetli hyzmatdaş hökmünde Bitarap Türkmenistanyň halkara abraýyny barha artdyrýarlar diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Eýsem berkarar döwletimiziň daşary syýasatda gazanan üstünliklerini has-da berkitmek, türkmen döwletiniň dünýädäki at-abraýyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmak üçin geljekde haýsy ugurlara aýratyn üns bermeli, daşary ýurtlar bilen syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary mundan beýläk nädip ösdürmeli? Bitarap döwlet hökmünde Ýer ýüzünde parahatçylygy gorap saklamak, halklaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek, häzirki döwrüň howplaryna we wehimlerine garşy göreşmek üçin bilelikde nähili hereket etmeli? Halkara guramalar bilen gatnaşyklarymyzy nähili täzeçe guramaly? Şu gün şu soraglary ara alyp maslahatlaşarys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we maslahata gatnaşanlaryň hasabatlaryny diňledi.

Hormatly Prezidentimiz döwletimiziň we jemgyýetimiziň ösüşiniň esaslaryny öwrenmäge hem-de ylmy taýdan seljermäge, Bitarap Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatyna, mähriban halkymyzyň taryhy-medeni gymmatlyklaryny hem-de däp-dessurlaryny wagyz etmäge berilýän ünsüň örän wajypdygyny nygtady.

Döwlet Baştutanymyz ylym-bilim işini işjeňleşdirmegiň, mowzuklaýyn monografiýalary, döwletimiziň bähbitlerine mynasyp wekilçilik etmäge, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe gazanylýan uly üstünlikleri wagyz etmäge ukyply ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak üçin okuw kitaplaryny işläp taýýarlamagyň wajypdygyny belledi.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň döwletara derejede dostlukly gatnaşyklary hem-de köptaraply hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürjekdigini, abraýly halkara we sebit guramalary bilen oňyn gatnaşyklary giňeltjekdigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz DIM-niň ýolbaşçylaryna anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň maliýe meselelerini öz wagtynda çözmek hem-de işgärleriň netijeli işlemegi üçin degişli şertleri üpjün etmek maksady bilen, şol meseleleri yzygiderli seljermegiň zerurdygy barada görkezme berdi. Olaryň işlerinde öňdebaryjy tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagyna aýratyn üns berilmelidir.

Döwlet Baştutanymyz iş maslahatyny jemläp, döwletimiziň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy baýram edilýän «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda daşary syýasatymyzy amala aşyrmak boýunça işleri has-da güýçlendirmek üçin, hemmeleriň örän köp we tutanýerli işlemelidigini nygtady.

Bular barada aýtmak bilen, döwlet Baştutanymyz Garaşsyz, Bitarap türkmen döwletiniň alyp barýan hoşniýetli daşary syýasatyny bütin dünýä giňden açyp görkezmegiň wajypdygyny belledi hem-de şunuň bilen baglylykda, maslahata gatnaşyjylara anyk tabşyryklary berdi.

Türkmenistanyň daşary ykdysady işini maksatnamalaýyn esasda ösdürmek boýunça degişli tabşyryklar berildi. Şu maksat bilen, daşary ýurt döwletleri we halkara guramalar bilen ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak hem-de içerki mümkinçilikleri ýokary derejede peýdalanmak boýunça çäreleri yzygiderli durmuşa geçirmek zerurdyr.

Döwlet Baştutanymyz sebitdäki ykdysady ýagdaýlary seljerip, ýurdumyzyň Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen geljekde alyp barjak hyzmatdaşlygyna täzeçe çemeleşmek bilen, anyk teklipleriň taýýarlanylmalydygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny artdyrmak we pugtalandyrmak üçin daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna amatly şertlerde daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge ýardam bermegiň wajypdygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz aýdylanlary jemläp, ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň iş ugurlaryny döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirip, maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak hem-de maliýe-ykdysady ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça hem zerur işleri geçirmek boýunça tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Müşşikowa ýüzlenip, Daşary işler ministrliginiň, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň hem-de konsullyk edaralarynyň maliýe-ykdysady ýagdaýyny, döwlet býujetinden hem-de maliýeleşdirmegiň beýleki döwlet çeşmelerinden bölünip berilýän serişdeleriň öz wagtynda we maksadalaýyk özleşdirilişini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz ýene-de Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa ýüzlenip, garamaga teklip edilen birnäçe resminamalaryň taslamalaryna ünsi çekdi. Şolaryň hatarynda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy, baky Bitaraplygynyň 25 ýyllygy, şeýle hem 2021-nji ýylyň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilmegi mynasybetli halkara maslahaty, dabaralary we çäreleri geçirmek hakynda», «Türkmenistanyň 2021 — 2030-njy ýyllar üçin daşary söwda Strategiýasyny tassyklamak hakynda», «Eksport-import amallary üçin «Bir penjire» ulgamynyň işini utgaşdyrmak boýunça Pudagara topary döretmek hakynda» Kararlar bar.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyzyň garamagyna «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşanyny döretmek hakynda» Kararyň taslamasy hödürlenildi. Döwlet Baştutanymyz bu Karara gol çekjekdigini aýdyp, beýleki pudaklaryň işi bilen hem bagly bolansoň galan Kararlara Ministrler Kabinetiniň 12-nji fewralda geçiriljek giňişleýin mejlisinde seredilse maksadalaýyk boljakdygyny belledi.

Tapawutlandyryş nyşany bilen Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny amala aşyrmakda, daşary ýurt döwletleri bilen dürli ugurlarda gatnaşyklary ösdürmekde we berkitmekde ýurdumyzyň abraýly halkara guramalar bilen netijeli gatnaşyklary giňeltmekde şahsy goşandyny goşan diplomatik gullugyň işgärleri sylaglanar.

Döwlet Baştutanymyz Karara gol çekip we şu mynasybetli türkmen diplomatlarynyň ählisini gutlap, ony wise-premýere, DIM-niň ýolbaşçysyna elektron resminama dolanyşygy arkaly iberdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hormatly Prezidentimize «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşanyny döredendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyzyň bu çözgüdiniň ýurdumyzyň diplomatik düzümi üçin şanly wakadygyny nygtady. Bellenilişi ýaly, döwlet Baştutanymyzyň yzygiderli goldawy netijesinde türkmen diplomatlarynyň üstünlikli işlemegi üçin ähli zerur şertler döredildi.

Hormatly Prezidentimiz göni wideoaragatnaşyk arkaly iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlaryň ählisine berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar döwletimiziň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## Türkmenistan halkara media giňişliginde

**neutrality.gov.tm.**

***Ýakynda Owganystan Yslam Respublikasynyň Hyrat döwlet uniwersitetiniň «Parahatçylyk» seýilbagynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanyp, şeýle-de 2021-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli agaç nahallaryny ekiş dabarasy geçirildi.***

***Çärä Hyrat döwlet uniwersitetiniň ýolbaşçylary we talyplary, Owganystanyň oba hojalyk, maldarçylyk we tebigaty goraýyş pudagyna degişli edaralarynyň ýolbaşçylary, Hyrat welaýatynyň ýaşulular, şeýle hem Hyrat şäheriniň häkimliginiň wekilleri gatnaşdylar.***

***Dabarada çykyş edenler Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Mohammad Aşraf Ganiniň agaç ekmäge çagyryşyna, Hyratdaky Baş konsullygy tarapyndan owgan tarapyna 500 sany düýp agaç nahallaryny gowşurmak bilen, ilkinji bolup Türkmenistanyň ýardam berendigi barada bellediler. Şeýle-de bu kömegiň parahatçylygyň we dostlugyň nyşanydygy hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň Owganystan babatda alyp barýan paýhasly daşary syýasatynyň netijesidigi hakynda bellenip geçildi.***

**neutrality.gov.tm.**

***Ýakynda Türkmenistanyň Ýaponiýadaky Ilçihanasy tarapyndan Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy, şeýle hem 2021-nji ýylyň «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilmegi mynasybetli brifing geçirildi.***

***Brifinge ýerli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň žurnalistleri, hususan-da «Asahi Shimbun», «NHK», «Kyodo News», «Mainichi», «Sumitomo global research», «Dentsu», «Japan-Eurasia Society» we beýleki agentlikleriň wekilleri gatnaşdylar.***

***Öz çykyşynda Türkmenistanyň Ýaponiýadaky Ilçisi gatnaşyjylara ýurdumyzyň garaşsyzlyk ýyllary içinde gazanan belent sepgitleri, şeýle hem türkmen döwletiniň sazlaşykly durmuş-ykdysady ösüşi barada giňişleýin gürrüň berdi. Ilçi şonuň ýaly-da hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň saklanylmagyna goşýan wajyp goşandyny hem belläp geçdi.***

**neutrality.gov.tm.**

***Ýakynda Türkmenistanyň Gazagystan Respublikasyndaky Ilçihanasy we «Bobek»umumymilli hereketi»atly assosiasiýa görnüşindäki ýuridiki şahslaryň birleşigi, şeýle hem M.Auezow adyndaky Günorta-Gazagystanyň Döwlet uniwersiteti bilen bilelikde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllygyna bagyşlanan «Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty: halkara hyzmatdaşlygyň we ösüşiň parahatçylykly ýoly»atly ylmy maslahaty wideo görnüşinde geçirildi.***

***Maslahatyň barşynda, gatnaşyjylar türkmen halkyny bu şanly sene bilen gutladylar we Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň sebitde parahatçylygyň we howpsuzlygyň pugtalandyrylmagyna itergi bermek arkaly sebitiň ýurtlarynyň we dünýä döwletleriniň arasynda parahatçylykly, dostlukly hem-de özarabähbitli gatnaşyklaryň sazlaşykly ösdürilmegine ýardam edýändini belläp geçdiler.***

**neutrality.gov.tm.**

***Ýakynda Türkmenistanyň Özbegistan Respublikasyndaky Ilçihanasy bilen Özbegistanyň Türkmen medeniýet merkezi bilelikde Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy, şeýle-de 2021-nji ýylyň «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilmegi mynasybetli «Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň we Özbegistanyň dostlukly gatnaşyklary» atly dabara geçirdi.***

***Dabaranyň barşynda Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Milletara gatnaşyklary we daşary ýurt döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklar Komitetiniň başlygy çykyş etdi. Çäräniň dowamynda şeýle-de Türkmenistanyň Ilçisi çykyş etdi, ol iki goňşy ýurduň dostlukly gatnaşyklarynyň taryhy ähmiýetini aýratyn nygtady we iki doganlyk halkyň milli garaşsyzlygyny gazanmagy bilen özara hereketleriň hil taýdan täze derejä çykarylandygyny belläp geçdi.***

***Dabaranyň çäklerinde Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygyna, şeýle-de 2021-nji ýylyň «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilmegine bagyşlanan ýurdumyzyň garaşsyzlyk ýyllary içinde gazanan belent sepgitlerini we ýeten derejelerini hemmetaraplaýyn şöhlelendirýän stendler hem guraldy.***

Internet sahypalarynda @mail. g mail. @mail. g mail.

# Diplomatiýanyň möhüm ugurlary

*Garaşsyz Türkmenistanyň asuda asmanyň astynda agzybirligiň, parahatçylygyň, hyzmatdaşlygyň, hoşniýetliligiň we ynsanperwerligiň ajaýyp aňlatmasy bolan Bitaraplyk derejämiz, diňe bir ýer ýüzüniň türkmenlerini däl, eýsem, asudalygy, abadançylygy, jebisligi, dostlugy, doganlygy küýseýän külli adamzady guwandyrýar, buýsandyrýar. Bu babatda gürrüň bermegini haýyş edip, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty, taryh ylymlarynyň doktory Amangeldi RAHMANOW bilen söhbetdeş bolduk. Söhbetdeşligiň dowamynda halypa mugallymymyz şeýle gürrüňleri berdi:*

Türkmen halky garaşsyz, hukuk, demokratik we dünýewi döwlet gurmaklygy asyrlar boýy arzuw edip geldi. 1991-nji ýylyň güýzünde Türkmenistan özüniň mukaddes Garaşsyzlygyna eýe boldy. Watanymyzyň garaşsyzlygy halkymyza öz milli döwletini döretmäge we milli bähbitleriniň esasynda bitarap içerki we daşary syýasaty saýlap almaga we alyp barmaga ýol açdy.

Parahatçylygy söýmek, beýleki döwletleriň içerki işlerine goşulmazlyk, olaryň çäk bitewiligini we garaşsyzlygyny sylamak, halkara harby guramalara we şertnamalara gatnaşmazlyk, halkara meseleleri syýasy-diplomatik serişdeleriň üsti bilen çözmek ýaly bitaraplyk syýasatynyň ýörelgeleri hem işlenilip düzüldi. Bitarap döwlet hökmünde «Türkmenistanyň daşary syýasatynyň meýilnamasynda» aýdylyp geçilişi ýaly, türkmen döwleti bitaraplyk ýörelgelerini we «Açyk gapylar» syýasatyny yglan etmek bilen, ony iş ýüzünde hem durmuşa geçirdi. Türkmen bitaraplygynyň bu ýörelgeleri halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna we BMG-niň Düzgünnamasyna hem laýyk geldi.

Halkymyzyň hemişelik bitaraplyk syýasatyny saýlap alanyndan soňra biziň döwletimiziň bu ugurdaky indiki ädimi tutuş halkara bileleşigi tarapyndan ýurdumyzyň bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ykrar edilmegini gazanmak boldy. Bu maksada ýetmek üçin döwlet derejesinde uly daşary syýasy we diplomatik iş geçirildi.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Türkmenistanyň teklip etmegi bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 50-nji sessiýasynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakynda Rezolýusiýa kabul edildi. Bu möhüm resminamada Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmeklige ýardam etjekdigi nygtalyp geçildi. BMG-niň Baş Assambleýasy şeýle hem, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň hukuk ýagdaýyny ykrar etdi we goldady. BMG-niň agza döwletlerini Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny, Garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny, çäk bitewiligini sylamaklyga we goldamaklyga çagyrdy. BMG-niň BA-da 185 döwletiň agzalarynyň ses bermegi esasynda, ilkinji gezek bu taryhy Rezolýusiýanyň kabul edilmegi dünýä bileleşiginde Türkmenistanyň bitarap döwlet hökmünde ykrar edilendigini aňlatdy.

BMG-niň BA-sy tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» baradaky Rezolýusiýanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň daşary syýasy we diplomatik işine aýratyn uly itergi berdi.

2020-nji ýylyň oktýabr aýynyň başyna çenli bolan döwürde Türkmenistanyň dünýäniň 149 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmagy, 50-ä golaý halkara guramalaryň agzasy bolmagy, 150-den gowrak halkara konwensiýalaryň, şertnamalaryň we köptaraplaýyn resminamalaryň gatnaşyjysy bolmagy munuň aýdyň subutnamasy boldy.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň diplomatik gullugy biziň döwletimiziň «2017-2023-nji ýyllar üçin niýetlenen daşary syýasatynyň Konsepsiýasyny» durmuşa geçirýär, Aziýa we Ýuwaş ummany sebitiniň döwletleri, Orta we Ýakyn Gündogaryň, Ýewropanyň we Amerikanyň ýurtlary, Ýewropa Bileleşigi, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy we başga-da abraýly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy ösdürýär.

Birleşen Milletler Guramasy bilen Türkmenistanyň gatnaşyklary strategiki häsiýete eýe bolup durýar. Türkmenistan BMG-niň Durnukly ösüşiň Maksatlarynyň durmuşa geçirilmegine saldamly goşant goşýar. Türkmenistanyň BMG-niň BA-nyň mejlislerinde ekologiki, energetiki, suw howpsuzlygy, ulag diplomatiýasyny ösdürmek we başga möhüm meseleler boýunça öňe sürýän daşary syýasy başlangyçlary dünýä bileleşiginde gyzgyn goldawa mynasyp bolýar.

Umuman, ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ugurlary dürli-dürlidir. Şol syýasatyň parahatçylyk döredijі güýji hem bardyr.

Şeýlelikde, örän köp deliller Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ýokary täsirliligi barada şaýatlyk edýärler. Şu jähtden, Türkmenistanyň garaşsyzlyk ýyllarynyň, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edileninden soňky döwrüniň tejribesiniň bitaraplygyň türkmen nusgasynyň halkymyzyň milli bähbitlerine doly laýyk gelendigini, şol syýasatyň halklaryň arasynda özara düşünişmegiň we hyzmatdaşlygyň täsirli guralyna öwrülendigini görkezendigini we görkezýändigini aýratyn belläp geçmek bolar.

Türkmenistanyň durmuşa geçirýän daşary syýasaty netijeli halkara gatnaşyklarynyň pugtalanmagyna, halkara arenasynda uly üsüşlere ýetmegine oňaýly täsir edýär. Ýurdumyzyň bu üsüşlere ýetmekde gazanan üstünlikleriniň gözli şaýady bolup, Watanymyzyň adyndan ençeme gezek wekilçilik etmeklik bagty bize-de miýesser etdi. Bu gün bolsa biz halypa diplomatlar bolup, geljekki ýaş diplomatlary taýýarlamak, olara toplan tejribelerimizi miras galdyrmak ýaly mukaddes wezipäniň ynanylmagy bizi has-da buýsandyrýar. Pursatdan peýdalanyp, baky Bitaraplygymyzy bütin dünýäde dabaralandyrýan, ähli halklary parahatçylyga çagyrýan hormatly Prezidentimize çäksiz sag bolsun aýtýarys! Goý, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň halkara abraýy belentden-belende göterilsin!



*Gurbanjemal EGIRJÄÝEWA, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby, «Ýaş diplomatyň sesi».*

## Hyzmatdaşlyk

*Türkmenistan bilen Saud Arabystanynyň arasyndaky gatnaşyklar häzirki wagtda ikitaraplaýyn hem-de halkara guramalarynyň, ilkinji nobatda bolsa, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde özara düşünişmegiň we ysnyşykly hyzmatdaşlygyň ýokary derejesi bilen tapawutlanýar. Sebitde we dünýäde durnukly ösüşi gazanmaga gönükdirilen tagallalar has işjeňleşýär.*

# TÜRKMENISTANYŇ WE SAUD ARABYSTANY PATYŞALYGYNYŇ IKITARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYGY

Türkmenistan bilen Saud Arabystanynyň arasyndaky gatnaşyklar häzirki wagtda ikitaraplaýyn hem-de halkara guramalarynyň, ilkinji nobatda bolsa, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde özara düşünişmegiň we ysnyşykly hyzmatdaşlygyň ýokary derejesi bilen tapawutlanýar. Sebitde we dünýäde durnukly ösüşi gazanmaga gönükdirilen tagallalar has işjeňleşýär. Hormatly Prezidentimiziň Saud Arabystany Patyşalygyna resmi sapary bolsa, halkara gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmek we berkitmek üçin uly itergi boldy.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow we Saud





Arabystanynyň Patyşasy Salman ben Abdulaziz Al Saud hyzmatdaşlygyň geljegi barada aýdyp, ähli pudaklar boýunça iki dostlukly ýurduň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmek we berkitmek üçin netijeli mümkinçilikleriň bardygyna ynam bildirdiler. Netijeli ýagdaýda geçen duşuşygyň dowamynda döwlet baştutanlary döwletara hyzmatdaşlygynyň meseleleriniň giň toplumyny ara alyp maslahatlaşyp, ozal gazanylan ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň durmuşa geçirilişine aýratyn üns berip, uzakmöhletleýin geljegi nazarlap, türkmen-saud özara gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlaryny maslahatlaşdylar.

Patyşa köşgünde ýokary derejedäki gepleşikler tamamlanandan soň, iki döwletiň Liderleriniň gatnaşmagynda ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy. Howpsuzlyk babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Saud Arabystany Patyşalygynyň Hökümetiniň arasynda Ylalaşyga; Sport babatda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Girdeýjiler üçin we maýa üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak we salgyt tölemekden boýun gaçyrylmagynyň öňüni almak hakynda Konwensiýa; Türkmenistandaky taslamalary maliýeleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Hökümetiniň we Saud Ösüş Gaznasynyň arasynda Özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama; Söwda we senagat babatda hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Iki ýurduň Daşary işler ministrlikleriniň arasynda Syýasy geňeşmelere degişli Özara düşünişmek hakynda Ähtnama, Bilim ministrlikleriniň arasynda ylym we bilim ulgamlarynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnama; Howa gatnawy hakynda Ylalaşyga; Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Saud Arabystany Patyşalygynyň Daşary işler ministrliginiň Emir Saud Al Faýsal adyndaky Diplomatiýany öwreniş institutynyň arasynda Hyzmatdaşlyk Maksatnamasyna; Medeniýet babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen Saud Arabystany Patyşalygynyň Medeniýet we maglumat ministrliginiň arasynda Ýerine ýetiriş maksatnamasyna gol çekdiler.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz bilen Saud Arabystanynyň Patyşasy dostluk hem-de özara hoşniýetli erkisleg gatnaşyklary bilen berk bagly bolan döwletara hyzmatdaşlygynyň iki halkyň bähbidine has-da giňeldiljekdigine ynam bildirdiler.



*Şeker HUDAÝBERENOWA, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.*

SUSTAINABLE DEVELOPMENT GOALS
17 GOALS TO TRANSFORM OUR WORLD

# НА ПУТИ К РЕАЛИЗАЦИИ ЦУР

***Ликвидация нищеты является первой из 17 целей, изложенных в Повестке дня в области устойчивого развития на период до 2030 года.***

В частности, она призывает «обеспечить мобилизацию значительных ресурсов из самых разных источников, в том числе на основе активизации сотрудничества в целях развития, с тем чтобы предоставить развивающимся странам, особенно наименее развитым странам, достаточные и предсказуемые средства для осуществления программ и стратегий по ликвидации нищеты во всех ее формах».

Также ЦУР призваны обеспечить, чтобы все мужчины и женщины, особенно малоимущие и уязвимые, имели равные права на экономические ресурсы, а также доступ к базовым услугам, владению и распоряжению землей и другими формами собственности, наследуемому имуществу, природным ресурсам, соответствующим новым технологиям и финансовым услугам, включая микрофинансирование.

Повестка дня в области устойчивого развития на период до 2030 года преследует задачу никого не оставить позади и охватить, в первую очередь, самых нуждающихся. Ее реализация требует беспрецедентных усилий, направленных на укрепление устойчивого, инклюзивного и сбалансированного экономического роста, осуществляемых в сочетании с программами по обеспечению достойного труда, социальной интеграции, борьбе с неравенством, повышением производительности и созданию благоприятных для развития условий в целом. Туркменистан относится к числу стран с уровнем доходов выше среднего, и уровень жизни населения растёт динамичными темпами. Повышение благосостояния народа является приоритетной целью политики государства. Экономический прогресс отражается во всех аспектах качества жизни туркменистанцев, способствуя стабильному увеличению доходов населения из всех источников. Благосостояние населения и есть один из элементов устойчивого развития.

22 декабря 1992 года Генеральная Ассамблея ООН приняла резолюцию 47/196, провозгласившую 17 декабря Международным днем борьбы за ликвидацию нищеты.

История проведения Международного дня борьбы за ликвидацию нищеты неразрывно связана с датой 17 октября 1987 года. В тот день более ста тысяч человек собрались на площади Трокадеро в Париже, где в 1948 году была подписана Всеобщая декларация прав человека, чтобы отдать дань памяти жертвам крайней нищеты, насилия и голода.

Ликвидация нищеты во всех ее формах является глобальным вызовом, требующим коллективных действий.



*Мердан БАЙДЖАНОВ, студент 3-го курса факультета Международных Экономических отношений.*

# BMG-NIŇ HALKARA GÜNLERI

## 1-nji oktýabr – Bütindünýä Ýaşulular güni



1991-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 45-nji mejlisinde 1-nji oktýabr «Bütindünýä ýaşulular güni» diýlip yglan edildi. Bu baýramçylygyň esasy maksady ýaşulularyň saglygyny goramakdan, ömrüni uzaltmakdan, üns we alada bilen gurşamakdan ybaratdyr. Jemgyýetde ýaşulular esasy orny eýeläp, olar ýaşlaryň görelde mekdebi, halypasy, mundan başga-da, biziň däp-dessurlarymyzy saklaýjylar bolup hyzmat edýärler.

Halkara baýramçylyklaryň biri bolan bu baýramçylyk biziň döwletimizde hem giňden bellenilýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýaşululara uly sarpa goýulýar, olara «Hormatly il ýaşulusy», «Mährem ene» ýaly belent atlar dakylýar. Mundan başga-da, olaryň saglygyny goramak we döwrebap dynç almaklary üçin ähli mümkinçilikler döredilýär.

## 5-nji oktýabr Bütindünýä Mugallymlar güni

ÝUNESKO-nyň kabul eden jarnamasy esasynda 1994-nji ýyldan bäri her ýylyň 5-nji oktýabry Bütindünýä mugallymlar güni hökmünde bellenilýär. Şuňa görä esasan-da ýokary okuw edaralarynda zähmet çekýän mugallymlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak we iş şertlerini gowulandyrmak maksady bilen, BMG-niň Durnukly ösüş maksatnamasynyň esasy meselesi bolan Bilim pudagyndaky ösüşi, ilki bilen mugallymlary öz üns merkezine alýar. 5-nji oktýabryň Bütindünýä mugallymlar güni diýip yglan edilmegine ÝUNISEF, BMG Ilat gaznasy, Halkara zähmeti goraýyş guramasy, Halkara bilim guramasy hem goşuldy. Bu gün mugallymlaryň jemgyýetdäki, bilimdäki we ösüşdäki ornuna ünsi çekmek üçin neýetlenendir. Häzirki wagtda 100-den gowrak döwlet Bütindünýä mugallymlar gününi uludan belleýärler.



Mugallymlar güni dürli ýurtlarda aýry-aýry senelerde bellenilýär, ýagny Albaniýada Mugallymlar güni 8-nji martda bellenilýär, Argentina 11-nji sentýabrda, Braziliýa 15-nji oktýabrda, Wýetnam 20-nji noýabrda, Hindistan 5-nji sentýabrda, Eýran 2-nji maýda, Hytaý 10-njy sentýabrda, Özbegistan 1-nji oktýabrda, Polşa 14-nji oktýabrda, Türkiýe 24-nji noýabrda belläp geçýär. Ermenistan, Azerbaýjan, Gyrgyzystan, Moldowa, Täjigistan, Russiýa ýaly döwletler bilen bilelikde Türkmenistan döwletimiz hem 5-nji oktýabrda ÝUNESKO tarapyndan döredilen Bütindünýä mugallymlar gününi belleýär.

## 9-njy oktýabr-Bütindünýä poçta güni

1874-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda «Bütindünýä poçta birleşigi» esaslandyrylýar. Buenos Aýresde 1939-njy ýylda geçirilen XI Bütindünýä poçta kongresinde her ýylyň 9-njy oktýabryny «Bütindünýä poçta birleşiginiň güni» hökmünde girizmek teklip edildi. Bütindünýä poçta birleşiginiň güni 1970-nji ýylda ilkinji gezek bellenilip geçildi.



1984-nji ýylda Gamburgda geçirilen XIX Bütindünýä poçta kongresinde «Bütindünýä poçta birleşiginiň gününi» «Bütindünýä poçta gününe» öwürmek hakynda karar kabul edilýär. Bu baýramçylyk BMG-niň halkara günleriniň düzümine hem girýär.

«Bütindünýä poçta güni» dünýäde poçta hyzmatlarynyň ýaýramagyna we ösmegine itergi bermek üçin niýetlenendir. Bu baýramçylyk bilen baglanyşykly dünýä ýurtlarynda gyzykly çärelerdir ýaryşlar geçirilýär.

## 24-nji oktýabr- Birleşen Milletler Guramasynyň güni



1945-nji ýylyň 24-nji oktýabry Birleşen Milletler Guramasynyň döredilen senesi bolup, bu gün guramanyň agzasy bolan ýurtlarda Birleşen Milletler Guramasynyň güni hökmünde giňden bellenilýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bu halkara baýramçylyk biziň ýurdumyzda hem giňden bellenilip geçilýär. Bu gurama dünýäde parahatçylygy, erkinligi, azatlygy, döwletleriň biri-birine bolan ynamyny ösdürmek maksady bilen döredilýär.

Birleşen Milletler Guramasy dünýäde iň köp agzasy bolan guramalaryň biri bolup, onuň häzir 176 sany agzasy bar. Olaryň sany bolsa gün geçdigiçe köpelýär.

Her ýylyň 24-nji oktýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolan döwletleriň gazetlerinde, žurnallarynda, radiolarynda, telewizorlarynda bu gurama barada aýdylyp geçilýär. Mekdeplerde, ýokary okuw jaýlarynda bu guramanyň maksatlary, ýerine ýetirýän we ýetiren işleri barada derslerde aýratyn durlup geçilýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň kömekçisi hökmünde döredilen guramalar hem bar. Olara:

- UNESCO – ylym-bilime, medeniýete, sungata degişli işlerini alyp barýar;
- FAO – garyp döwletlere iýmit kömegini berýär;
- UNRA – öz ýurdundan aýrylyp, başga ýurtlara göçgünleriň meselelerine garaýar;
- UNICEF – täze dogan çagalaryň, ýaşlaryň saglygyna, meselelerine seretmek wezipelerini ýerine ýetirýär.



***Eneş ATAJANOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***

Hukuk esaslary

# HALKARA HUKUGYNYŇ GELIP ÇYKYŞ TARYHY

***Türkmenistan döwletimiz Garaşsyzlyga eýe bolan gününden bäri onuň taryhynda ägirt uly özgertmeleriň, milletiň mertebesiniň beýikliginiň başlanan güni boldy. Eziz Watanymyz halkara hukugynyň hem deňhukukly agzasy boldy.***

Şeýle hem biziň döwletimiz Birleşen Milletler Guramasy ýaly abraýly guramalaryň agzalygyna kabul edildi. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda ilkinji bolup BMG tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplygyna eýe boldy. Türkmenistan halkara bileleşiginiň doly hukukly agzasy bolmak bilen BMG-niň ýörelgelerini doly ýerine ýetirýär. Türkmenistan Merkezi Aziýada ylylaşdyryjy merkeze öwrüldi. Bu bolsa Türkmenistanyň Bitarap döwlet hökmünde abraýynyň has-da artandygynyň subutnamasydyr.

Halkara hukugynyň taryhy jemgyýetde bolup geçýän üýtgeşmeleriň esasynda döräpdir. Taryhy maglumatlara ser salsak, ol özüniň ösüş başlangyjyny ilkidurmuş obşinadan we tiretaýpalardan alyp gaýdypdyr. Olar taýpany şol wagtky ýazylmadyk kanunlar esasynda dolandyrypdyrlar. Halkara hukugynyň watany Ýakyn Gündogar, Tigr, Ýefrat, Nil derýalarynyň boýlarydyr. Hut şu ýerlerde b.e. öň IV müňýyllykda gadymy döwletler emele gelipdir. Biri – birleri bilen gatnaşyk netijesinde ilkinji döwletara hukuk kadalary döräpdir. Iň gadymy halkara-hukuk namasy bolsa, b.e. öň 3100 ýyllarda Mesopotamiýanyň şäherleriniň Lagaş we Ummanyň häkimliginiň arasynda baglaşylan şertnamalary hasaplanypdyr. Ol döwlet serhedini we onuň eldegrilmesizligini tassyklapdyr. Bu şertnama laýyklykda jedeller arbitraž (araçy) esasda parahatçylyk ýoly bilen çözülip, şertnamany ýerine ýetirmek baradaky borçlar hudaýa aýdylan kasamlar (ant içmek) bilen berkidilipdir.

Gadymy dünýäniň halkara hukugy döwri b.e. öň 476-njy ýylda Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylmagy bilen tamamlanýar. Bu döwre çenli Rimde halkara hukugyň birnäçe instituty bardy. Eger-de uruş doly boýun egmek bilen tamamlanmasa, onda parahatçylyk şertnamasy baglaşylýardy. Orta asyrlaryň halkara hukugy döwründe bolsa, halkara hukugynyň subýekti bolup monarhlar, rim papalary, şeýle hem dini guramalar – rysar ordenleri (Tewton we Liwan) şeýle hem erkin şäherler we olaryň soýuzlary (Wisbi, Wenesiýa şäher; Ganzeý soýuzy) çykyş edipdir. Feodalizmiň başky asyrlarynda dilden baglaşylan şertnamalar köp ulanylýar (kasam aýtmak ýa-da el gysmak bilen berkidilen görnüşde). Ýöne wagtyň geçmegi bilen ýazuw görnüşi hem ulanylyp başlapdyr. Bu şertnamanyň teksti latyn dilinde bolup, möhleti hem dürli-dürli bolupdyr. Halkara şertnamasyny ýatyrmaklyk urşa alyp barýan eken. Orta asyrlarda halkara hukugynyň ylmynyň düýbüni tutujy diýip golland hukukçysy Gugo Grosiý hasaplanýar. Ol 1625-nji ýylda halkara hukugynyň ähli esaslaryny öz içine alýan ilkinji ulgamlaşdyrylan «Uruş hukugy we parahatçylyk» barada işini çap edýär.

Mundan başgada, aýratyn soraglara garaýan ilkinji ýöriteleşdirilen halkara guramalary: Halkara telegraf soýuzy, Bütindünýä poçta soýuzy, Halkara demir ýol soýuzy hem döreýär. Halkara hukugynyň täze döwrüni XX asyrda 1919-njy ýylda dörän Milletler Ligasyndan hasaplamaly. II Jahan urşundaky gitlerçilige garşy koalisiýanyň ýeňşi, Tähran, Ýalta, Postdam we beýleki halkara konferensiýalaryň çözgütleri, BMG-niň Düzgünnamasy we Halkara harby tribunalynyň çözgüdi halkara hukugynyň täze taryhy görnüşiniň ösüşi prosesini tamamladylar.

Bu döwürde halkara hukugynyň aýratyn pudagy hökmünde adam hukuklary emele geldi. II Jahan urşundan soň şu pudagyň esasyny tutýan halkara resminamalar kabul edildi. 1948-nji ýylda «Adam hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasy», 1966-njy ýylda «Ykdysady, sosial we medeni hukuklar» barada halkara Pakty, 1966-njy ýylda «Raýat we syýasy hukuklar barada halkara pakty» kabul edildi.

XXI asyryň halkara hukugy halklaryň birleşmeginiň bähbitleriniň hukugy bolup, halklaryň birleşiginiň bähbitleriniň goralmagyna aýratyn üns berýär. Häzirki wagtda halkara hukugynyň kadalaryny döretmek we amala aşyrmak mehanizminde birnäçe üýtgeşmeler girizildi. Bu tendensiýa geljekde hem has ösüp, halkara hukugynyň ähmiýetiniň we netijeliliginiň berkemegine ýardam eder.



***Jahan ÖRÄÝEWA,***
***Halkara hukugy fakultetiniň III ýyl talyby .***



Femida bu adalatlylygyň hemmeler tarapyndan ykrar edilen nyşanydyr. Onuň heýkelleri kazyýet mejlisiniň binalaryna kölegesini salýar. Mysal üçin: «Türkmen Femidasy» diýlende, türkmen kazyýeti, ýagny adalatlylyk hakynda gürrüň edilýändigine düşünýäris.

**Femida**

Adalatlylygy häsiýetlendirýän Femida heýkeli hukuk tertibiniň gadymy grek hudaýy hasaplanylýar. Femidanyň üstündäki eşigi mantiýa diýlip atlandyrylýar. Heýkelde adalatly aýalyň keşbi görkezilip, çep elinde terezi, sagynda bolsa gylyç bardyr. Umuman, heýkeldäki esasy gurallar: terezi, gylyç, mantiýa, göz örtügi bolup durýar. Şolaryň arasynda iň tapawutlandyrylýany gylyç we terezidir. Çünki olar gadymydan saklanylyp gelinýän gurallar hasaplanylýar. Femidanyň çep elindäki terezi ölçegiň we adalatyň gadymy nyşanydyr.

**adalatlylygyň**

**beýik heýkeli**

Gowulyk bilen ýamanlyk, günäkärlik we bigünälilik adalat terezisinde ölçenilýär. Ol adalatyň berkligini we adalatlylyk hereketleriniň takyk agramyny göz öňünde tutýar. Gylyç güýjüň we jezanyň nyşanydyr. Gylyjyň ujy dik tutulýar sebäbi ol, «Asmanyň asudalygyna» we ýokary adalatlylygyň hökùm sürmegine onuň hemişe ulanylmaga taýynlygyny aňladýar. Femidanyň gylyjynyň iki ýüzli bolmagynyň sebäbi kanun diňe bir jeza bermän, eýsem duýduruş hem berýär. Gylyjyň sag elde bolmagy hereketiň sag tarapdan başlanyp, güýjüň sagda jemlenýändigini alamatlandyrýar. Mundan başga-da, daşky görnüşi boýunça heýkel öçmejek ähmiýete eýedigini görkezýär.

Gözleriniň göz örtügi bilen örtülmeginiň özboluşly aýratynlygy bardyr. Gadymy greklerde, bu barada şeýle diýilýär: «Onuň üçin hemmämiz deňdiris, garyp adam bolsun ýa-da baý, saýlananlar bolmaly däldir. Onuň üçin resminamalar we sözler möhümdir».



***Zülfiýa ÝAŇABAÝEWA,***
***Halkara hukugy fakultetiniň II ýyl talyby .***

# ŞYGRYÝET

## BITARAPLYK

Bitaraplyk türkmeniň dünýä içre erkidir,
Ýürekleriň buýsanjy, Diýaryň gül görküdir.
Baky bagtyýar döwrüň berkararlyk berkidir,
Şan-şöhratly ýollaryň binýady Bitaraplyk.

Il-gün jebis, agzybir, asudadyr asmanym,
Göýä “Jennet”mysaly, läle-reýhan bossanym.
Adyň dillerde dessan, eziz Türkmenistanym,
Mukaddes Watanymyň kuwwaty Bitaraplyk.

Uzady alyslara dost-doganlyk ýollary,
Bir-birege gol berdi, munda dünýäň illeri.
Täze röwşe beslenýär, Jeýhun-Hazar gülleri,
Beýikligi döwrümiň, gymmaty Bitaraplyk.

Ylym-bilim hem sport ösýär uly bat bilen,
Medeniýetim dünýäde tanaldy şöhrat bilen.
Köşgi-eýwan binalaň gözelligne ýokdur çen –
Ak mermer paýtagtymyň zynaty Bitaraplyk.

Has belentde parlaýar bu gün türkmeniň Tugy,
Bir suprada jem boldy, gadym Oguzyň kowmy,
Alkyşlaýas ýürekden, beýik Gahryman ogly,
Arkadagyň yhlasy, gaýraty
Bitaraplyk!



***Tawus AKJAÝEWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***

## WASPNAMA

Oguz handan gaýdan türkmeniň asly,
Agzybir, asuda, halaldyr nesli,
Zeminiň gözbaşy Arkadag kesbi,
Türkmeniň ykbaly Arkadagymdyr.
Halkyma şan beren Gahrymanymdyr.

Altyna barabar aýdan sözleri,
Päk halkyna mähir çoýýar gözleri,
Bagtyýar, şatlykly ynsan ýüzleri,
Türkmeniň ykbaly Arkadagymdyr.
Halkyma şan beren Gahrymanymdyr.

Akhana atlansa belentdir başy,
Mydam gerdeninde bar döwlet guşy,
Uzak, baky bolsun Arkadag ýaşy,
Türkmeniň ykbaly Arkadagymdyr.
Halkyma şan beren Gahrymanymdyr.



***Gytja ATDAÝEWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

# TÜRKMEN BITARAPLYGYNY ŞÖHLELENDIRMEKDE MYNASYP GOŞANT

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen Baky bitaraplygymyzyň 25 ýyllygynyň bellenilýän üstümizdäki ýylymyz «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» diýip at-







landyryldy. Mähriban Arkadagymyzyň bu başlangyjy diňe bir türkmen žurnalistleri üçin däl, eýsem bütin dünýäniň syýasatçylarynyň, žurnalistleriniň ünsüni özünde jemledi. Adyna mynasyp garşylanan ýylyň dowamynda türkmen bitaraplygynyň taryhy ähmiýeti, aýratynlyklary we umumadamzat üçin göz öňüne tutulan bähbitleri milli hem dünýäniň meşhur habar beriş serişdelerinde yzygiderli öz beýanyny tapýar. Türkmenistanyň bitaraplyk ýörel-










gesi esasynda alnyp barylýan oňyn daşary syýasaty, Birleşen Milletler Guramasy we beýleki halkara guramalary bilen hoşniýetli hyzmatdaşlygynyň netijeleri «ORIENT», «Trend.az», «MFA.gov.», «Türkmen portal», «Avesta», «Sng today», «Khabar Belta» «Newcentralasia», «Casiainfrom» ýaly dünýä belli habarlar agentlikleri tarapyndan dünýä halklaryna wagyz edilýär. Ýurdumyzyň milli metbugatynda, teleradioýaýlymlarynda türkmen bitaraplygynyň ähmiýeti yzygiderli giňişleýin şöhlenendirilýär.

Bu işlere türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň – Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymlarydyr talyplary – geljekki halkaraçy žurnalistleri hem işjeň gatnaşyp, mynasyp goşant goşýar. Institutymyzda hereket edýän okuw studiýasynda halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyplarynyň taýýarlamagyndaky «Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty», «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy dünýä ýurtlarynda», «Parahatçylyk döretmek sungaty» ýaly gepleşikler «Türkmenistan» teleýaýlymynda yzygyderli ýaýlyma berilýär. Talyplaryň bu gepleşikleri taýýarlamaklary-




nyň netijesinde olar türkmen bitaraplygynyň taryhy ähmiýetini öwrenmäge, ony mynasyp wagyz etmäge, öz hünär endiklerini kämilleşdirmäge mümkinçilik tapýarlar. Şol gepleşikleriň çäklerinde türkmen syýasatçylary, Türkmenistanyň hyzmatdaşlyk saklaýan halkara guramalarynyň wekilleri, daşary ýurtly ilçiler bilen söhbetdeş bolmak, syýasy pikir alyşmak mümkinçilikleriniň döredilmegi geljekki halkaraçy hünärmenlerde buýsanç duýgularyny döredýär.

Mähriban Arkadagymyzyň saýasynda okap bilim almagymyz, kämil hünärmenler bolup ýetişmegimiz üçin döredilýän mümkinçiliklere mynasyp boljagymyzy tüýs ýürekden ynandyrýarys. Gahryman Arkadagmyzyň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny, alyp barýan işleriniň rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!



***Kyýat ILAMANOW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

# Terbiýe mekdebi

# IŇ GYMMATLY MIRAS – TERBIÝE

Her bir güni toý-baýramlara, şanly senelere beslenýän eziz diýarymyzda täze okuw ýyly hem ýetip geldi. Biz – ak mermerli ýokary okuw jaýymyzyň täze, birinji ýyl talyplary şeýle beýik bagtyň miýesser edendigine, ýagny uly ynam bildirilip Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyna okuwa kabul edilendigimize diýseň buýsanýarys we geljekde Watanymyza peýdaly, öz hünärimiziň abraýly wekilleri bolup ýetişmek üçin ähli tagallalary etjekdigimize sizi ynandyrýarys.

Institutymyza ilkinji gezek ädim ädip, onuň bilen bile dem alyp uganymyzdan bize uly tejribeli professor-mugallymlar bilen tanyşmak, olardan bilim we terbiýe almak diýseň buýsandyryjy we täsirli boldy. Ilkinji günlerimizden bäri eziz mugallymlarymyz «Adama bar zatdan öňürti edep-terbiýe gerekdir» diýip, öwran-öwran gaýtalaýarlar. Hut şonuň üçin-de diýseň täsirli, bilim dünýäsine giňden aralaşdyrýan sapaklarymyzdan daşary her bir mugallym edep-terbiýe barada, geljekde jemgyýetde özüňi nähili alyp barmalydygy barada durup geçmekligi hem ünsden düşürenoklar. Biziň her bir dersimiz şeýlebir täsirli we peýdaly geçýär welin, sapaklaryň nädip tamamlanandygyny-da duýman galýarys. Dogrymyzy aýtsak, sapaklardan soň öýmüze-de gaýdasymyz gelenok. Mähriban mugallymlarymyzy ýene diňläp olar pilen pikir alyşasyň, ýene-de köp zatlary öwrenesiň gelýär. Bu diňe meniň pikirim däl. Bile okaýan talyplarymyz bilen pikir alyşanymyzda, olar hem okuwyň başlanyna sanlyja günleriň geçendigine garamazdan dünýägaraýyşlarynyň has giňändigini, ylym ýükleriniň hem birneme agyrlaşandygyny belleýärler. Bu bolsa, institutymyzyň mugallymlarynyň ussatlygy netijesinde talyplyk durmuşymyzyň ilkinji günlerinden başlap ýakymly, täsirli pursatlara beslenýändigini aňladýar.

Eziz Arkadagymyzyň ýaňy-ýakynda halkymyza peşgeş eden «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabynyň «Ylym-bilim durmuşa ýagty saçýar» atly bölüminde şeýle ajaýyp we pähim-parasada ýugrulan, meniň ýüregimde diýseň uly yz galdyran setirler bar: «Iň gymmatly miras terbiýe, terbiýäniň özeni bolsa ylym-bilimdir». Biz ýokary okuw mekdebinden näçe zehinli, bilimli uçurym bolup çyksak-da, edep-terbiýesiz, adamkärçiliksiz hiç bir jemgyýetde-de orun tapyp bolmajakdygyna düşünýäris. Hawa, biz türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde ýokary bilim alýarys. Biziň talyplarymyz geljekde halkara arenasynda ýurduň adyndan çykyş etmeli, halkymyzyň ýüzi bolmaly adamlardyr. Hut şonuň üçin-de biz gün-be-günden professor-mugallymlaryň berýän maslahatlaryny diňläp, halkymyzyň gadymdan gelýän ýol-ýöregelerine, däp-dessurlaryna eýerip, milliligi kalbymyza guýup, özümizi türkmençiligiň iň beýik nusgasy derejesinde kämilleşdirmegimiz zerurdyr. Munuň üçin bolsa, biz eziz Arkadagymyzyň pähim-parasada ýugrulan öwüt-ündewlerini, professor-mugallymlarymyzyň maslahatlaryny ýol-ýörelge edinmelidiris.

Şu ýerde men eziz Arkadagymyzyň halkymyza uly sowgat bolup gowşan «Türkmeniň döwletlilik ýörelgeleri» atly nakyllardan, aýtgylardan, rowaýatlardan umuman, pähim-parasatlardan püre-pür täze kitabynda getirilen şu rowaýaty agzap geçesim gelýär: «Bir adam öz ogluny ýedi ýaşynda bilim almak üçin molla beripdir. Oglan ukyply bolandygy üçin okamagy, ýazmagy tiz wagtda öwrenipdir. Kakasynyň oglunyň sowadyndan göwni hoşal bolupdyr.

– Mollaňa meniň salamymy aýt hemde şu tyllalary oňa ber! – diýip, ogluna birnäçe tylla beripdir.

Oglan kakasynyň aýdyşy ýaly, molla tyllalary uzadyp:

— Kakam sizden minnetdar boldy we şuny ugratdy – diýipdir.

Molla birbada geňirgenipdir-de puly alman:

– Men saňa heniz onça tylla alar ýaly bilim berip ýetişemok — diýipdir.

Oglan agşam öýlerine gelende, onuň jogabyny kakasyna aýdypdyr. Kakasy:

— Bilimiň her zerresi altyn ahyry. Men seniň mollaň ýekeje günki sapagyna hem, eger elimde bolsa, dünýe malyny bererdim — diýipdir.»

Hawa, biziň mähriban mugallymlarymyz günüň gününe bize gyzyldan gymmatly baýlygy bagyş edýärler. Biz ol baýlyklary hiç zat bilenem bahalandyryp, olaryň öwezini dolduryp bilmeris. Çünki mugallymlaryň berýän bu bahasyz serpaýlary biziň ýagty geljegimiziň berk sütünidir!

Biziň kämil hünärmenler, ýokary ahlakly ynsanlar bolup ýetişmegimiz üçin jan aýaman zähmet ekýän eziz mugallymlarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, watanymyzyň geljegi bolan zehinli nesli taýýarlamak we terbiýelemek ugrunda alyp barýan abraýly we aňsat bolmadyk işlerinde uly üstünlikleri arzuw edýärin

Biziň öňümizde ylymlar dünýäsiniň gapysyny giňden açýan, ýokary derejeli hünärmen, iň easy-da – belent ahlakly adam bolmagymyz üçin ähli şertleri döredýän, ösüp gelýän Watanymyzyň ýagty geljegini biz – ýaş nesiller bilen baglanyşdyrýan eziz Arkadagymyzyň başy dik, il-ýurt, umumadamzat bähbitli tutýan tutumly işleri hemişe-de rowaç alsyn!



***Mähriban HUDAÝGULYÝEWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby,***
***«Ýaş diplomatyň sesi».***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
INTERNET GAZETI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
INTERNET NEWSPAPER
№ 1, 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabry, penşenbe. Our main goal is to serve the Motherland!
Internet gazeti 2020-nji ýylyň 1-nji senýabryndan bäri çykýar.
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

*Internet gazeti Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň gözegçiliginde taýýarlanyldy.*

*Internet gazetiň mazmun, neşir, çeperçilik-tehniki dizaýn işlerini ýerine ýetiren:* ***Bakydurdy GARAÝEW, Aýsenem ATAÝEWA,*** *Halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyplary.*

*Internet gazet sahypalarynda Kakajan MYRATLYÝEWIŇ suratlary ulanyldy.*

*Redaksiýanyň döredijilik toparyna jogapkär mugallym* ***Jemile PÜRJÄÝEWA.***

